# Albert Eýnşteýn

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Albert Eýnşteýn ALBERT EÝNŞTEÝN

*– Eýnşteýn çaga, wagtyndan ir, onda-da tragiki ir doglan çaga…*
**(N.Pogodiniň pýesasyndan)**

Bir ýerde togtamak günädir-günä,
Bar zada hemişe hereket gerek.
Şu beýik kanuna boýun egdi-de
Ol äpet ädimin ätdi bir gezek.

Ol ädim müň syryň syryp perdesin
Getirdi özüniň müňlerçe syryn.
Taryhyň,
Geçmişiň jemin jemledi,
Başlangyjy boldy täze asyryň.

Arman, ol ädimleň ilkinji ody
Ganhor betpälleriň elinde ýandy.
Dünýäň bagty üçin dökülen derler
Dünýämize bela bolup abandy.

Gezdi alym ýakasyny penjeläp,
Gijelerne tüssä gardy gözýaşyn.
Ýalbardy «Bu işi gizläliň ilden…»
Nätjek, diňlän tapylmady haýyşyn.

Gaýtam oň sözüni aldylar ýaňsa,
Gülki, gyjyt, bile jogap berdiler.
«Syýasatdan başyň çykmaýan bolsa
Bu zatlara goşulma-da geziber».

Çaga deý boýnuny burup bardy ol,
Düýnki çagalaryň-şägirtleň ýanna.
Arz etdi bagtyndan hem ykbalyndan,
Ökündi ädikçi bolup dogmanna.

Başarsa özüniň bütin ömrüni,
Ädikçiniň bir gününe berjekdi.
Wagtyndan ir dünýä geleni üçin
Çekdi, ýalňyzlygyň derdini çekdi.

Töweregini gurşap alan betpälleň
Hiç biri-de duýmady oň maksadyn.
…Ýaşamak aňsat däl ir doglana-da,
Herhal hiç gelmekden Hudaý saklasyn.

Italmaz NURYÝEW. Goşgular